**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

*– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.*

#17 (300)

пятница, 8 мая 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

# Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**1-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisini geçirdi.**

Onda şu ýylyň dört aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa şu ýylyň ýanwar — aprel aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada maglumat berdi.

Bellenilişi ýaly, şu döwürde raýatlaryň hukuklaryny, kanuny bähbitlerini goramak, önümçilik desgalarynyň senagat howpsuzlygyny üpjün etmek, buhgalterçilik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny kämilleşdirmek, işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak, awtomobil ýollary we ýol işi, daşky gurşawy, suwuň biologik serişdelerini goramak, migrasiýa syýasatynyň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly hereket edýän kanunlary döwrebaplaşdyrmak boýunça Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy mundan beýläk-de ösdürmäge, kabul edilen maksatnamalary üstünlikli amala aşyrmaga gönükdirilen kanunlary döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigine ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň dört aýynyň makroykdysady görkezijileri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe jemi içerki önümiň ösüşi 6,3 göterim artdy, şol sanda ösüş depgini senagat pudagynda 2,4 göterime, gurluşykda 6,2 göterime, ulag-aragatnaşyk pudagynda 10,3 göterime, söwdada 7,9 göterime, oba hojalygynda 2,2 göterime, hyzmatlar ulgamynda 8,4 göterime deň boldy. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, şu ýylyň ýanwar — aprel aýlarynda jemi öndürilen önüm 10,4 göterim artyp, ykdysadyýetiň pudaklarynda oňyn önümçilik netijeleri gazanyldy. Hasabat döwründe bölek satuw haryt dolanyşygy 9,9 göterim, daşary söwda dolanyşygy bolsa 9,2 göterim artdy. Geçen dört aýyň jemleri boýunça Döwlet býujetiniň girdeji böleginiň meýilnamasy 100,2 göterim, çykdajy böleginiň meýilnamasy 97,6 göterim ýerine ýetirildi.

Hasabat döwründe býujetden maliýeleşdirilýän we hojalyk hasaplaşygyndaky döwlet kärhanalarynda zähmet haklary, pensiýalar, döwlet kömek pullary, talyp haklary öz wagtynda maliýeleşdirildi. Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlarynyň möçberi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 5 göterim ýokarlandy. Şeýle hem Oba milli maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde 2026-njy ýylyň ýanwar — aprel aýlarynda ýerine ýetirilen işler, şol sanda dürli maksatly desgalaryň gurluşygy barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda 2026-njy ýyl üçin bellenen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek üçin degişli işleri alyp barmagyň, ykdysadyýet, maliýe we bank toplumynyň işini yzygiderli kämilleşdirmegiň möhümdigini belledi. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz wise-premýere jemi içerki önümiň ösüşini durnukly saklamagy dowam etdirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary G.Agajanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew gözegçilik edýän ugurlary boýunça hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, wise-premýerlere degişli tabşyryklary berdi.

Şeýle hem Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa gözegçilik edýän ulgamynda şu ýylyň ýanwar — aprel aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi, ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy, milli senenamamyzda göz öňünde tutulan baýramçylyklar mynasybetli dürli medeni çäreler hem-de dabaralar guraldy. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty netijesinde Aşgabat şäherinde «Turkmentravel — 2026» atly halkara syýahatçylyk sergisi we maslahat guramaçylykly geçirildi. 2025-nji ýylyň 25-nji oktýabry — 2026-njy ýylyň 12-nji apreli aralygynda Italiýanyň Rim şäherindäki Kapitoliý muzeýinde geçirilen «Türkmenistanyň gadymy siwilizasiýalary» atly arheologik sergi öz işini tamamlady. Sergide Diýarymyzyň çäginde ýerleşýän gadymy Margianadan we Nusaý galalaryndan ýüze çykarylan tapyndylar görkezildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, şu ýylyň maý aýynda meýilleşdirilen çärelere gowy taýýarlyk görmegiň we olary ýokary derejede geçirmegiň, medeniýet ulgamynyň işini yzygiderli kämilleşdirmegiň möhümdigini belledi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere milli taryhy-medeni mirasyň desgalaryny aýawly saklamak boýunça işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow gözegçilik edýän ulgamlarynda şu ýylyň ýanwar — aprel aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe bilim ulgamyny ösdürmek ugrundaky işler dowam etdirildi. Okuwçylar, talyplar halkara ders bäsleşiklerine, olimpiadalara gatnaşyp, jemi 807 medal gazandylar. Ýokary okuw mekdepleri tarapyndan halkara olimpiadalaryň 6-sy, halkara ylmy-amaly maslahatlaryň 7-si, mekdep okuwçylarynyň arasynda III Halkara matematika olimpiadasy geçirildi.

Şeýle hem wise-premýer Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary, hemaýat-goldawlary bilen mekdebe ilkinji gezek gadam basýan okuwçylara kompýuterleri sowgat gowşurmagyň däbe öwrülendigini, hasabat döwründe bu ugurda zerur işleriň amala aşyrylandygyny aýtdy we döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ylym, bilim, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynyň işini talabalaýyk ýola goýmagyň, saglygy goraýyş edaralarynyň işini yzygiderli kämilleşdirmegiň,

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

sport desgalaryny netijeli dolandyrmagy üns merkezinde saklamagyň, bilim edaralarynda ýaşlara döwrebap ylym-bilim bermek, innowasion tehnologiýalardan baş çykarýan, giň gözýetimli ýaşlary ýetişdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz umumybilim berýän orta mekdepleriň birinji synp okuwçylaryna noutbuk kompýuterlerini sowgat bermek maksady bilen taýýarlanan Karara gol çekdi we wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow şu ýylyň ýanwar — aprel aýlarynda Daşary işler ministrligi tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň alyp barýan daşary syýasatyny durmuşa geçirmek, Bitarap Türkmenistanyň daşary ýurtlar, halkara guramalar bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklaryny ösdürmek babatda öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, Daşary işler ministrligi tarapyndan hasabat döwründe degişli işler amala aşyryldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Garaşsyz Türkmenistanyň ählumumy abadançylyga gönükdirilen daşary syýasaty alyp barýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýer, daşary işler ministrine dünýä ýurtlary we abraýly halkara guramalar bilen netijeli gatnaşyklary berkitmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer, ylym-bilim ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew gözegçilik edýän düzümlerinde 2026-njy ýylyň ýanwar — aprel aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ulag-aragatnaşyk toplumynyň möhüm toplumlaryň biri bolup durýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere ýurdumyzyň üstaşyr ulag mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanyp, halkara ýükleriň daşalýan möçberini artdyrmagy, toplumyň maddy-tehniki üpjünçiligini yzygiderli döwrebaplaşdyrmaga aýratyn üns bermegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GRUZIÝANYŇ YKDYSADYÝET WE DURNUKLY ÖSÜŞ MINISTRINI KABUL ETDI



2026-njy ýylyň 7-nji maýy Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Türkmenistana sapar bilen gelen Gruziýanyň Ykdysadyýet we durnukly ösüş ministri Mariam Kwriwişwilini kabul etdi.

Myhman türkmen topragynda mähirli kabul edilendigi üçin hoşallyk bildirip, Gruziýada Türkmenistan bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklara ýokary baha berilýändigini belledi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, Gruziýanyň Prezidenti Mihail Kawelaşwiliniň we Premýer-ministri Irakliý Kobahidzäniň Prezident Serdar Berdimuhamedowa, türkmen halkynyň Milli Liderine iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Döwlet Baştutanymyz dostlukly ýurduň wekilini mähirli mübärekläp, Gruziýanyň ýolbaşçylaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-gruzin hökümetara toparynyň nobatdaky mejlisiniň ähmiýetini belledi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Türkmenistan Gruziýa bilen ýola goýlan gatnaşyklary ösdürmäge uly ähmiýet berýär.

Türkmenistan hem-de Gruziýa diňe bir ikitaraplaýyn görnüşde däl, eýsem, abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde-de netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Bu guramalaryň çäklerinde başlangyçlary özara goldamak tejribesi munuň aýdyň mysalydyr.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk döwletara dialogyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Energetika, senagat, saglygy goraýyş ulgamlarynda hyzmatdaşlykda oňyn netijeler gazanyldy. Ulag-logistika ulgamy hem ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň wajyp ugrudyr. Türkmenistan halkara ulag geçelgeleriniň üpjünçilik ulgamlaryny yzygiderli ösdürýär. Ýurdumyzyň geografik taýdan amatly ýerleşmegi Aziýa ýurtlaryny Gara deňiz sebiti we Ýewropa bilen birleşdirmekde oňyn şertleri döredýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz «Hazar deňzi — Gara deňiz», «Lapis Lazuli», «Ýaşyl» port» ýaly taslamalary durmuşa geçirmegiň we ösdürmegiň möhüm ähmiýetini belledi.

Döwlet Baştutanymyz söwda-ykdysady gatnaşyklary ilerletmekde Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça türkmen-gruzin hökümetara toparynyň ornuna aýratyn ünsi çekip, toparyň nobatdaky mejlisiniň netijeleriniň bilelikdäki tagallalary birleşdirmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi. Şeýle hem söhbetdeşler medeni-ynsanperwer ulgamyň döwletara gatnaşyklary pugtalandyrmakda, halklary ýakynlaşdyrmakda hem-de medeniýetleri özara baýlaşdyrmakda uly ornuny bellediler.

Duşuşygyň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow we Gruziýanyň Ykdysadyýet we durnukly ösüş ministri Mariam Kwriwişwili ýola goýlan netijeli döwletara hyzmatdaşlygyň iki ýurduň dostlukly halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de ösdüriljekdigine hem-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SEÝŞELLER RESPUBLIKASYNYŇ DAŞARY IŞLER WE DIASPORA MINISTRINI KABUL ETDI



2026-njy ýylyň 29-njy aprelinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Seýşeller Respublikasynyň Daşary işler we diaspora ministri Barri Fory kabul etdi.

Myhman mähirli kabul edilendigi üçin hoşallyk bildirip, öz ýurdunda okgunly ösýän Türkmenistan bilen giň gerimli gatnaşyklary ýola goýmaga uly gyzyklanma bildirilýändigini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, Seýşeller Respublikasynyň Prezidenti Patrik Ermininiň döwlet Baştutanymyza iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Seýşeller Respublikasynyň döwlet Baştutanyna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de myhmanyň bu saparynyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmekde möhüm ädim boljakdygyna, uzak möhletleýin hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryna itergi berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Bitarap Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanyp, dünýä döwletleri bilen dostlukly gatnaşyklary alyp barýar. Durnukly ösüş, parahatçylyk söýüjilik, özara ynanyşmak ýörelgeleri ýurduň daşary syýasatynyň binýadyny emele getirýär. Söhbetdeşler abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerindäki özara hyzmatdaşlyga ünsi çekdiler.

Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň döredijilikli başlangyçlaryny goldaýandygy we BMG-niň Baş Assambleýasynyň möhüm Kararnamalarynyň awtordaşy bolup çykyş edýändigi üçin Seýşeller Respublikasynyň Hökümetine minnetdarlyk bildirdi.

Duşuşygyň barşynda Türkmenistanyň we Seýşeller Respublikasynyň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň mümkinçiligi ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz milli ykdysadyýetimiziň eksport kuwwatyna ünsi çekip, ýangyç-energetika toplumyny, himiýa we dokma senagatyny, oba hojalygyny geljegi uly ugurlaryň hatarynda görkezdi.

Hormatly Prezidentimiz ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak maksady bilen, seýşeller tarapyny ýurdumyzda geçirilýän sergilere we halkara maslahatlara işjeň gatnaşmaga çagyrdy.

Ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmek, husus-da, syýahatçylyk pudagynda hyzmatdaşlyk etmek duşuşykda ara alnyp maslahatlaşylan ýene bir mesele boldy. Döwlet Baştutanymyz bu ugurda tejribe alyşmak hem-de geljekde syýahatçylygy ösdürmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny belläp, ýurdumyzyň özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmak boýunça seýşeller tarapynyň anyk tekliplerine seretmäge taýýardygyny tassyklady.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Seýşeller Respublikasynyň Daşary işler we diaspora ministri Barri For iki döwletiň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

# В МИД ТУРКМЕНИСТАНА СОСТОЯЛАСЬ ВСТРЕЧА С МИНИСТРОМ ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ И ДИАСПОРЫ РЕСПУБЛИКИ СЕЙШЕЛЬСКИЕ ОСТРОВА

29 апреля 2026 года в Ашхабаде состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Министром иностранных дел и диаспоры Республики Сейшельские Острова Барри Фором, прибывшим в Туркменистан с первым официальным визитом.

В ходе встречи стороны отметили значимость данного визита главы внешнеполитического ведомства Республики Сейшельские Острова с точки зрения продвижения двусторонних связей по направлениям, представляющим взаимный интерес.



Дипломаты отметили значимость активизации политико-дипломатического диалога между двумя государствами, где ключевым фактором является организация взаимных визитов на высшем и высоком уровнях.

Стороны обсудили взаимодействие в рамках международных организаций, прежде всего ООН. Туркменская сторона выразила признательность за поддержку международных инициатив страны и пригласила Республику Сейшельские Острова присоединиться к Группе друзей нейтралитета.

Стороны подчеркнули необходимость расширения договорно-правовой базы двустороннего сотрудничества.

Главы внешнеполитических ведомств рассмотрели возможности налаживания торгово-экономического взаимодействия посредством проведения совместных бизнес-форумов, выставок и ярмарок, установления прямых контактов между деловыми кругами двух стран, преимущественно в таких сферах как транспорт, текстильная промышленность, туризм.

Стороны обменялись мнениями о вопросах международной и региональной повестки дня. Состоялся обзор перспектив взаимодействия в культурно-гуманитарной сфере, включая образование, науку и культуру. В этом контексте были выдвинуты предложения по организации встреч между профильными ведомствами двух стран и проведению Дней культуры в Ашхабаде и в Виктории.

По итогам встречи стороны подтвердили заинтересованность в дальнейшем развитии конструктивного и взаимовыгодного сотрудничества между Туркменистаном и Республикой Сейшельские Острова.




# TURKMENISTAN DELEGATION PARTICIPATES IN THE INTERNATIONAL FORUM "YEREVAN DIALOGUE 2026"

On May 5, 2026, the reputable international forum "Yerevan Dialogue 2026" started in Yerevan. The delegation of Turkmenistan headed by the Deputy Minister of Foreign Affairs Ahmet Gurbanov is participating in the event.

In his address, the head of the Turkmen delegation noted that Turkmenistan is actively strengthening the foundation of its energy sector through large-scale system modernization, improved energy efficiency, and a consistent reduction in emissions. Particular emphasis was placed on the gradual expansion of renewable energy sources (RES) while maintaining the country's economic stability and social well-being.

It was stated that Turkmenistan has already taken concrete steps toward creating a favorable environment for a "green" energy transition.

The delegation highlighted that the ecological transformation of the industry is directly linked to ensuring energy security, adapting the labor market, and achieving balanced regional development. Key priorities identified include guaranteeing uninterrupted energy supplies to the population, training a new generation of qualified specialists, and ensuring equal access for all communities to the benefits of attracted investments.

The importance of constructive international cooperation in realizing national plans was also underlined in the speech. It was noted that close interaction with reputable partners, such as the UN and international financial institutions, serves as a clear example of the effectiveness of external support.

The work of the Forum is continuing.

# MINISTER OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN MET WITH THE SECRETARY-GENERAL OF TURKSOY

On 30 April 2026, a meeting took place in Ashgabat between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and Secretary-General of the International Organization of Turkic Culture (TURKSOY) Sultan Raev.

During the meeting, the sides discussed current issues regarding Turkmenistan's cooperation with TURKSOY, in particular the implementation of the Joint Work Plan for 2026.



Rashid Meredov emphasized the significance of the current visit by the TURKSOY Secretary-General to Ashgabat to participate in the Opera Days of TURKSOY and events marking the 110th anniversary of the birth of the outstanding Turkmen composer Veli Mukhadov. In this regard, TURKSOY's active work in promoting the achievements of Turkmen culture was highlighted.

The importance of the TURKSOY awards presented to cultural figures of Turkmenistan for their contribution to the development of culture and art in the Turkic world was emphasized.

The sides confirmed that cooperation and joint initiatives to promote cultural and humanitarian dialogue contribute to not only strengthening peace and mutual understanding among the peoples of TURKSOY member states, but also with other countries.

During the talks, preparations for joint events were discussed, and an exchange of views took place regarding work aimed at improving the activities of TURKSOY.

Sultan Raev expressed his gratitude to the Turkmen side for the invitation to participate in the celebrations scheduled to take place in Turkmenistan this year, including the celebration of the 35th anniversary of Independence of Turkmenistan.

At the meeting, the readiness of Turkmenistan to continue cooperation with TURKSOY was confirmed.

## ВСТРЕЧА В МИНИСТЕРСТВЕ ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТУРКМЕНИСТАНА С ПРЕДСТАВИТЕЛЯМИ ФОНДА МИРА МАРТТИ АХТИСААРИ

5 мая 2026 года в здании Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась встреча с делегацией Фонда мира Мартти Ахтисаари (CMI).

В начале встречи туркменская сторона тепло приветствовала гостей, подчеркнув, что данный визит рассматривается как логическое продолжение сложившегося конструктивного диалога.

В ходе переговоров представители МИД Туркменистана подробно ознакомили делегацию с приоритетными направлениями предстоящего в 2026 году председательства Туркменистана в Консультативной встрече глав государств Центральной Азии.

Особое внимание стороны уделили обсуждению перспективных форматов взаимодействия между Туркменистаном и CMI.

В рамках визита делегации также запланировано проведение содержательного обмена мнениями в Центре стратегических исследований Института международных отношений МИД Туркменистана для определения дальнейших векторов взаимовыгодного партнерства.

*Пресс-служба МИД Туркменистана*

## ВСТРЕЧА ЗАМЕСТИТЕЛЕЙ МИНИСТРОВ ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТУРКМЕНИСТАНА И РЕСПУБЛИКИ АРМЕНИЯ

4 мая 2026 года в Ереване состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана Ахмета Гурбанова с заместителем министра иностранных дел Республики Армения Мнацаканом Сафаряном.

В начале беседы туркменская сторона выразила признательность армянской стороне за приглашение принять участие в представительном международном форуме «Yerevan Dialogue 2026», проведение которого запланировано на 5–6 мая.

В ходе переговоров дипломаты констатировали высокий уровень политико-дипломатического взаимодействия между двумя государствами. Было подчеркнуто, что фундаментом двустороннего сотрудничества выступает регулярный диалог на высшем уровне. Важным инструментом партнерства было названо проведение систематических межмидовских консультаций.

Стороны отметили тесное взаимодействие на международных площадках, при этом туркменская сторона выразила благодарность армянской стороне за поддержку внешнеполитических инициатив Туркменистана, выдвигаемых в рамках авторитетных международных структур.

Касаясь вопросов торгово-экономического сотрудничества, участники встречи подчеркнули необходимость активизации существующих инструментов для диверсификации и увеличения объемов взаимной торговли. В этой связи была отмечена координирующая роль Межправительственной туркмено-армянской комиссии по экономическому сотрудничеству. Также была выражена готовность к созданию условий для прямого взаимодействия между коммерческими структурами и частным сектором двух стран.

В контексте развития культурно-гуманитарного партнерства был отмечен его высокий уровень. С целью дальнейшего укрепления гуманитарных связей между народами, туркменская сторона озвучила предложение о проведении очередных Дней культуры Туркменистана в Армении.

## Представительство Европейского союза в Туркменистане организовал серию тренингов по медиаграмотности

Представительство Европейского союза в Туркменистане организовало серию обучающих тренингов для создателей контента и специалистов в сфере информации. Мероприятия прошли в Ашхабаде на базе Карбонового центра компании Bouygues Turkmen, сообщили в пресс-службе представительства.



Каждый тренинг собрал около 30 участников – создателей контента, представителей медиа, преподавателей и студентов. В ходе сессий рассматривались вопросы визуального и нарративного сторителлинга, этики создания контента, планирования и распространения материалов, а также применения цифровых инструментов, включая искусственный интеллект, в творческой и редакционной работе. Программа сочетала экспертные выступления с практическими заданиями и интерактивными обсуждениями.

Тренинги проводили региональные эксперты из Казахстана. Мероприятия организованы в рамках регионального проекта CARAVAN, финансируемого Европейским союзом.

Участники подчеркнули важность правдивости, точности, ответственности и оригинальности как основ справедливой и устойчивой медиасреды.

## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *В Молдове почтили память Нурмырата Сарыханова к 120-летию со дня рождения*

29 апреля 2026 года в селе Делакеу района Анений Ной Республики Молдова состоялась церемония возложения цветов к мемориалу, где покоится выдающийся туркменский писатель-прозаик, военный корреспондент Нурмырат Сарыханов.

Мероприятие прошло с участием Посла Туркменистана, аккредитованного по совместительству в Республике Молдова, Тойлы Атаева, главы района Анений Ной Моисея Александру, примара села Делакеу Георге Василица, представителей общественности, учащееся школ и жителей села. Участники церемонии почтили память писателя, героически погибшего в мае 1944 года в бою за освобождение молдавской земли от фашистских захватчиков.

Участники церемонии памяти выдающегося писателя и героя, отдавшего жизнь за мир и свободу, отметили, что героическая судьба Нурмырата Сарыханова стала воплощением единства слова и подвига. Его жизнь, короткая, но яркая, служит примером мужества, преданности и духовной силы, а созданные им произведения и сегодня находят живой отклик у читателей.

### *В Исламабаде состоялась встреча с представителями банка HabibMetro*

29 апреля 2026 года в посольстве Туркменистана в Исламабаде состоялась встреча с пакистанской делегацией во главе с Фатимой Зехра, главой отдела по работе с иностранными миссиями банка HabibMetro - одного из старейших коммерческих банков страны, ведущего свою историю с 1947 года.

В ходе встречи стороны обсудили перспективы расширения двустороннего сотрудничества в финансово-банковской сфере, включая возможности установления прямых корреспондентских отношений, развития торгового финансирования, а также поддержки совместных проектов.

В конце встречи участники подтвердили взаимную готовность к дальнейшему развитию конструктивного диалога и договорились продолжить контакты с целью проработки конкретных направлений сотрудничества.

### *Посол Туркменистана в Турции обсудил с главой Союза палат и бирж перспективы расширения торгово-экономического сотрудничества*

1 мая 2026 года Посол Туркменистана в Турецкой Республике Мекан Ишангулыев провел встречу с Председателем Союза палат и бирж Турецкой Республики Рифатом Хисарджыклыоглу.

В ходе встречи состоялся заинтересованный обмен мнениями о перспективах дальнейшего развития эффективного туркмено-турецкого взаимодействия в торгово-экономической сфере, а также диверсификации деловых контактов с учетом современных реалий. Особое внимание было уделено вопросам реализации новых совместных проектов по различным направлениям двустороннего партнерства.

В данном контексте стороны отметили наличие значительного потенциала для поступательного увеличения объемов взаимной торговли, углубления и активизации связей между предпринимательскими структурами двух стран.

### *Посольство Туркменистана в Кабуле приняло участие в мероприятии, посвященном Всемирному форуму городов*

5 мая 2026 года в отеле «Кабул Гранд» Представительство ООН-Хабитат в Афганистане и Посольство Республики Азербайджан в г. Кабул провели мероприятие, посвященное Всемирному форуму городов, который пройдет в г. Баку с 17 по 22 мая этого года.

В мероприятии приняли участие главы дипломатических миссий, международных организаций, аккредитованные в г. Кабул.

В ходе мероприятия Посол Туркменистана в г. Кабул Х.Овезов выступил с речью, где представил информацию об активном сотрудничестве Туркменистана с ООН-Хабитат, инициативах Туркменистана, направленных на улучшение городской инфраструктуры, развитие экологически чистых и устойчивых обществ.

Кроме того, участникам мероприятия была предоставлена информация о городе Аркадаг, где в систему жизнеобеспечения внедряются цифровые и «зеленые» технологии.

На организованной выставке в рамках мероприятия были представлены фотографии города Аркадаг. Участникам мероприятия был показан видеоролик о городе Аркадаг.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***